# Gyssandym ýördüm

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gyssandym ýördüm GYSSANDYM ÝÖRDÜM



*Çünki onuň galan ömri hasaply.*
***Atajan Annaberdi / “Garrylyk”***
Oglankam ulalsam diýip,
Uly:ň hatarna gyssandym.
Gije basym gün dogsa diýp,
Gündiz batarna gyssandym.

Ýigitkäm güzeran gözläp,
Ýaz ekdim, güýze gyssandym.
Aýma-aý “aýlyk” wagtyna,
Hezil gündize gyssandym.

Gojalykda kellä geldi,
Nirä men beýle gyssanýan?!
…Öň ýyllary ýele sowrup,
Indem günleri gysganýan.

Geldimyrat SEÝIDOW.

2022 ý. Goşgular